# Zeliliniň «Togsan» goşgusyna Annadurdy Molla şahyryň açyklamasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Zeliliniň "Togsan" goşgusyna Annadurdy Molla şahyryň açyklamasy Zelili:

Eý molla ol ne gowgadyr,
Sap-otuz, beýdegi-togsan,
Ol ne ajaýyp bakjadyr,
Bagbany bir, bagy togsan.

Annadurdy Molla:

Gyş pasly azap gowgadyr,
Aý-otuz gün, bary togsan,
Tomus bir ajap bakjadyr,
Dürli miwe, bagy togsan.

Zelili:

Ne müfti, rowaýaty ýüz,
Ne süredir, aýaty ýüz,
Ne mejlis jemagaty ýüz,
Hassasy on, sagy togsan.

Annadurdy Molla:

Hak isminde rowaýat ýüz,
«Merýem» sürede aýat ýüz,
Ol imandyr, ygtykat ýüz,
Nogsany on, saby togsan.

Zelili:

Ol ne kelpdir Jenneti,
Ol ne guş, ýok gany eti,
Başy bir, dörtdir ganaty,
Her biriniň ýelegi togsan.

Annadurdy Molla:

Kitmir atly it Jenneti,
Kebelek-ýok gany-eti,
Başy bir, dörtdür ganaty,
Ganatynyň ýelegi togsan.

Zelili:

Ol nämedir dahany üç,
Dahan içre zybany üç,
Ol ne gylyçdyr, gyny üç,
Dessesi bir, tygy togsan?

Annadurdy Molla:
Kalp, dil, beden tämizle üç,
Az iý, az ýat, az sözle-üç,
Diliň agzyňda gizle üç,
Şol gylyçdyr tygy togsan.

Zelili:

Ol nedir sözlär tili ýok,
Ol nedir, tutar eli ýok,
Ol ne jaýdyr, ki ili ýok,
Jülgesi bir dagy togsan?

Annadurdy Molla:

Kitapdyr sözlär tili ýok,
Gyzyksaň tutar, eli ýok,
Ylymdyr, belli ili ýok,
Asly bir manysy togsan.

Zelili:

Ol nedir, ýok belli orny,
Iýmez-iýmez, bardyr garny,
Synasynda agyz-burny,
Guýruk bir, gulagy togsan?

Annadurdy Molla:

Ol horjun, ýok belli-orny,
Iýmez-içmez, bardyr garny,
Synasynda agyz-burny,
Bagy bir, gulagy togsan.

Zelili:

Zelili, şu syrlar bizde,
Köp many bardyr bu sözde,
Ol nedir, gezer deňizde,
Başy, el-aýagy togsan?

Annadurdy Molla:

Molla şahyr bular syrdyr,
Düşünseň manysy dürdür.
Ol taýmyl, suwda ýörgüdir,
Başy, el-aýagy togsan. Goşgular